# Dälihanalarda kimler ýatmaly?..

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dälihanalarda kimler ýatmaly?.. DÄLIHANALARDA KIMLER ÝATMALY?..




«Ruhy keselleri bejeriş hassahanasynyñ howlusynda çilim çekip otyrdym.
Bilesigelijiligimdenmi nämemi, ol ýere nädip baranymy özümem bilemok.
Daş-töweregime garanjaklap durkam, ýaşy dört onlugy dolduraňkyrlan bir adama gözüm kaklyşdy.
Ýüzümi başga tarapa öwrenem bolsam, ol meni synlamaga dowam

etdi.
Daşky sypatyna seretseñ-ä, myhmana meñzeýärdi.
Ilki gürleşmäge çekindim, soñra ýüregimi bire baglap, çekinjeñlik bilen ýanyna golaýlaşdym.
Ol şobada “Maña-da çilim bersene!” diýdi.
Az-kem düşündimem, ýöne şonda-da saklanyp bilmän, çilim äberip durkam «Bärde näm işläp ýörsüñiz?» diýip soradym.
* * *

Ol çilimi mäkäm demine dartdy-da, gaýtadan ýüzüme dikanlady.
Şeýle bir siñe seredýärdi welin, gözlerini-de gyrpanokdy. Onuñ ýiti nazaryndan çekinmedim diýsem ýalançy bolaryn.
Sözi uzatman, «Sag bol» diýip arany açjak boldum.
Belki-de, ýalñyş sowal berendirin, belkäm, gynandyrandyryn ýa-da näbileýin, «däli ahwetin bu!..» diýip içimden pikir geçendir…




* * *

Birdenem «A sen nämüçin bärde däl?» diýip gygyrmaga başlady. Şeýle bir gaty ses bilen gygyrýardy welin, yzyma seretmäge gorkdum.

Ol köşeşjege meňzänokdy.

Ylla jyn uran ýalydy…

* * *

Belkäm kömegim deger diýen pikir bilen, duran ýerimden butnaman, yzyma, oña seretdim.
Bu gezek ol sesini hasam gataldyp, ýaňky sözüni gaýtalady:
«- A sen nämüçin bärde däl? Şonça kezzabyň, şonça wyždansyzyň, şonça hyýanatyň arasynda nädip gezibilýäň? – Ol üns bilen diňleýänimi görüp, sözüne dowam etdi: – Daşarda çagalaryň urulýan, gülleriň goparylýan, agaçlaryň ýakylýan, söýgüleriň ýandyrylýan, umytlaryň petige diredilýän reňksiz we ýasama dünýäsi bar.




Öwrenişmäge ýetişip bolmaýan, goh-galmagalyndan ýaña uklap bolmaýan, hapa, öçli, birehim dünýä bar.
Şahsy bähbidi üçin seni çakgy bilen iň soňky kysymly awtoulagyň ýüzüni çyzyp giden ýaly çyzyp biljek müňlerçe adam, ganyňy sormak üçin amatly pursatyny peýleýän san-sajaksyz wampir.
Seni ulanyp bolansoň, kirlän elýaglyk ýaly bir gyra zyňyp goýbermek üçin müň dürli hasaplary öwrüp-çöwürýän bir süri

zalym…
A sen nämüçin bärde däl?
Ol dowzahyñ içinde nädip aklyñdan azaşman bilýäñ?..”
* * *

Depe saçym syh-syh bolup, duran ýerimde doñup galypdyryn.
Şol gün şu pikir kellämden çykmady:
«Dälihanalarda däliler ýatmalymy ýa-da olary däliredenler?..»

* * *

Sosial mediýada gözüme ilen bu hekaýatyñ aýgytlaýjy jemleme sowalyna jogap bermegi siziñ öz ygtyýaryñyza goýýaryn…

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.07.2022 ý. Jemgyýetçilik tankydy